# Aşyklara sogap bolar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Aşyklara sogap bolar AŞYKLARA SOGAP BOLAR



Söýeňogam, söýemogam?
Söneňogam, sönemogam…
Söýmek üçin ýanmak gerek,
Sönmek üçin ýanmak gerek.
Ýanyp bilseň – sönüp bolar,
Hemem seni ýanyp söýýän,
Bir jenanyň ykbalyndq,
Yşk möhüriň ýazyp bolar.

Ýazyp bor didäň nuruny,
Ýar gadamy düşjek ýola.
Söýýän bilen söýülýäne,
Yşkdan özge emgek ýog-a.

Puluň bolsa – kümüş-teňňe,
Agramyna agram çekip.

Törüñe geçirseñ ýary,
Galmarsyñ-a içiñ çekip.

Awa salsañ elguşuñy,
Ganat baglap hyýalyñda.
Asal garylan posalar,
Sebäp däldir uýalara.

Tutaşsa yşkyñ ataşy,
Alawyndan eýmenmegin.
Diñe ýanyp öçürip bor,
Sataşan yşkyñ emgegin.

Ot bolup o:tly gujaga,
Dolup bilseñ – sowap bolar.
Ýar yşkynda ýanyp-sönmek,
Aşyklara sogap bolar.

Hojaberdi BAÝRAMOW. Goşgular